3610\1 5.12.08

**Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça**
**döwlet salgyt gulluklaryna**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran «Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenilen işleriň görnüşleriniň we olar boýunça kesgitlenen patent tölegleriniň sanawyny tassyklamak hakynda» № 9478 kararynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary 2008-nji ýylyň 20-nji noýabrynda № OD/05 buýruk çykardy.

Şol buýruk bilen, Ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary häkimliklerde bellige almagyň Tertibi tassyklanylydy (goşulýar).

Ýokarda görkezilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky döwlet salgyt gulluklarynyň dykgatyna ýetiriň.

Goşundy 5 sahypada.

**Başlygyň Orunbasary** **P.Prýaniçnikow**

Ýerine ýetiren Ataýew P.
AD-05 20.11.08

Salgyt gullugy 11

TÜRKMENISTANYŇ
MINISTRLER KABINETINIŇ
BAŞLYGYNYŇ ORUNBASARYNYŇ

**BUÝRUGY**

**ORDER**

**OF THE DEPUTY CHAIRMAN
OF THE CABINET OF MINISTERS
OF TURKMENISTAN**

№ OD/05

«20» noýabr 2008 ý. Aşgabat ş. Ashgabat c.

TBDSG
05 DEC 2008
GELEN № 5490

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran „Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenilen işleriň görnüşleriniň we olar boýunça kesgitlenen patent tölegleriniň sanawyny tassyklamak hakyndaky“ 9478-nji kararynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen :

1. Ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary häkimliklerde bellige almagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri gözegçilik etmeli.

**D.Orazow**

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň**
**Başlygynyň Orunbasarynyň 2008-nji ýylyň**
**«20» noýabryndaky OD/05 belgili buýrugy**
**bilen tassyklanyldy**

**Ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary häkimliklerde bellige almagyň**
**TERTIBI**
**Umumy düzgünler**

**1.** Şu Tertip «Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenilen işleriň görnüşleriniň we olar boýunça kesgitlenen patent tölegleriniň sanawyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran 9478-nji karary esasynda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň (mundan beýläk - raýatlar) eýeçiligindäki ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary (mundan beýläk - şertnama) bellige almagy düzgünleşdirýär.

**2.** Kärendäniň obýekti raýatlaryň eýeçiligindäki ýaşaýyş öýleri bolup durýar.

**3.** Raýatlar tarapyndan has oňaýly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlaryndan ýeňillikli şertlerde satyn alnan öýleri kärendä (kireýine) bermek üçin öýüň eýesiniň ýüztutmasy esasynda, ýaşaýyş öýlerini hasabynda saklaýjy öýüň eýesiniň ýazmaça görnüşde habarly edendigini mälim edýär.

**4.** Ýaşaýyş öýlerine eýeçilik hukugy bolan raýatlar hususy telekeçi hökmünde kärendä beriji bolup durýarlar.

**5.** Raýatlar we edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen talaplary berjaý eden ýagdaýlarynda ýaşaýyş öýüniň kärendeçileri bolup durýarlar.

**6.** Ýaşaýyş öýüni kärendä bermek üçin Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralaryndan patent almak üçin kärende berijiniň degişli häkimlikde kärende şertnamasynyň resmileşdirilmegi esas bolup durýar.

**Şertnamalary bellige almak**

**7.** Şertnamalary bellige almak boýunça işleri Aşgabat şäherinde – etrap häkimlikleri, welaýatlarda - şäher we etrap häkimlikleri, şeýle hem ýerli jemgyýetçilik öz özüňi dolandyryş edaralary amala aşyrýar. Ýaşaýyş öýlerini kärendesine bermegiň mysaly şertnamasy şu Tertibe goşulyar.

8. Häkimliklere kärende şertnamasyny bellige almak üçin ýüz tutulanda arzanyň ýanyna şu resminamalar goşulýar:

kärendä berijiniň pasport maglumatlary (pasportynyň ýa-da onun ýerini tutýan resminamanyň göçürme nusgasy);

kärendä berijiniň ýaşaýan ýeri we maşgala düzümi hakynda maglumat;

ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hakyndaky resminama;

- hasabynda saklaýjynyň ýaşaýyş öýüniň kärendä berilmegi barada ýazmaça habarnamasy;
- raýatlaryň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan berlen bellige alyş şahadatnamasy.

9. Häkimlikler tarapyndan şertnamalary bellige almak meselesine on günüň döwamynda garalýar. Bellenen möhletde häkimlik tarapyndan arza garalmasa ýa-da oňyn netije çykarylmasa, kärendä beriji kanunda bellenen tertipde kazyýete şikaýat edip biler.

## Şertnamalaryň bellige alnyşynyň hasabyny ýöretmek we oňa gözegçiligi guramak

**10.** Häkimlikler ýaşaýyş öýleriniň kärende şertnamalarynyň bellige alnyşynyň hasabyny bellenen tertipde ýöredýärler.

**11.** Kärende şertnamasy bellige alnandan soň, kärendä beriji şu aşakdakylara borçludyr:

- Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralaryndan patent almaga;
- jemagat hyzmatlarynyň tölegleri öz wagtynda geçirmäge;
- Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň kadalaryny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy huhuknamalaryny doly berjaý etmäge.

**12.** Kärende şertnamasy gaýtadan bellige alnan ýagdaýynda, degişli häkimlik kärendä berijiniň jemagat hyzmatlary üçin bergileriniň ýokdugynyň barlagyny geçirmäge borçludyr.

**13.** Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň kadalary, jemagat hyzmatlaryny etmek barada hyzmat ediji kärhanalar, bilen baglaşylan şertnamalar kärendeçi tarapyndan bozulan halatynda, häkimlikler Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralaryny habarly etmek bilen, bellige alnan kärende şertnamasyny ýatyryp ýa-da onuň hereketini wagtlaýyn togtadyp biler. Kemçilikler aradan aýrylan halatynda häkimligiň razylygy bilen togtadylan şertnamanyň hereketi dowam etdirilýär.

**14.** Kärendä beriji tarapyndan şertnama baglaşmak üçin berlen resmi kagyzlarda dürs däl ýa-da ýoýlan maglumatlaryň üsti açylan halatynda, häkimlikleriň şertnamany bellige almakdan ýüz döndermäge hukugy bardyr. Şeýle ýagdaýda kärende berijiniň alty aý geçenden soň gaýtadan kärende şertnamasyny baglaşmak barada ýüz tutmaga hukugy bardyr.

**Ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary häkimliklerde bellige almagyň Tertibiniň goşundysy**

200_ ý. «___» _________bellige alyndy

______________________________
(etrap häkiminiň orunbasarynyň, müdürligiň başlygynyň ýa-da bölüm müdiriniň F.A.A ady)

______________________________
(goly)

## ÝAŞAÝYŞ ÖÝLERINI KÄRENDÄ BERMEK BARADA MYSALY ŞERTNAMA

Aşgabat şäheri №___ 2011 ý. «___» ______________

**1.** Kärendä beriji:______________________________________________
( F.A.A ady we salgysy)
we Kärendeçi:______________________________________________
( F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy )
öýi kärendä bermek şertnamasyny (mundan beýläk - Şertnama) baglaşdylar.

**2.** Kärendä beriji özüne degişli Aşgabat şäheriniň______________________________ ______________________________ jaýynyň _______ otagdan ybarat, umumy meýdany _____$m^2$, ýaşaýyş meýdany _________ $m^2$ bolan ___________________________belgili hususylaşdyrylan öýüni raýat______________________________ kärendä berýär.

______________________________________________
(F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy)

**3.** Kärendä beriji öýi 200__-nji ýylyň ______________ aýynyň _________________ çenli kärendä berýär.
**4.** Şertnamanyň hereket edýän möhletinden öň bes edilmegi şu ýagdaýlarda mümkindir:
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy bozulanda;
- Şertnamada bellenen möhletde kärende haky esassyz sebäplere görä tölenmedik halatda;
- öý maksadalaýyk ulanylmasa;
- taraplaryň özara razylygy boýunça, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen başga esaslar boýunça.

**5.** Şertnamanyň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagy bilen we Taraplaryň onuň hereket edýän möhletini uzaltmak barada meýili bolmadyk halatda, Şertnama öz güýjüni ýitirýär.
**6.** Kärende tölegi 200_ -nji ýylyň _________________ aýynyň ______-den hasaplanyp başlanýar. Kärendeçi bir ýyl üçin ________ (___________________________) manat kärende puluny tölemeli.
(ýazmaça)
Bellik: Görkezilen _____________ (________________________________) manat pulun mukdary 1 aý üçin bahasy _______ (________________________________) manat hasabyndan gelip çykýar.
(ýazmaça)
**7.** Kärende tölegi deň böleklerde, her aýda, her aýyň 5-inden gijä galynman tölenmelidir.
**8.** Kärendä beriji şulara borçlanýar:
- Şertnamada görkezilen möhletde öýi Kärendeçiniň ygtyýaryna bermäge;
- Şertnama laýyklykda öz üstüne alan borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmäge;

**9.** Kärendä berijiniň şulara hukugy bar:
- hereket edýän kanunçylyga üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende, şolara laýyklykda Şertnamany täzeden bellige aldyrmaga;

- Kärendeçiniň Şertnamanyň şertlerini bozan ýagdaýynda, kanun esasynda degişli çäreleri görmäge;

**10.** Kärendeçi şulara borçlanýar:
- öýi maksadalaýyk peýdalanmaga;
- her aýyň 5-ine çenli kärende tölegini tölemäge;
- öýi arassaçylyk kadalaryna laýyklykda arassa ýagdaýda saklamaga we ony ýaramazlaşdyrýan hereketlere ýol bermezlige;
- ýeňil abatlaýyş işlerini zerurlyga görä geçirmäge, telefon aragatnaşygy, elektrik energiýasy we beýleki kommunal hyzmatlar üçin tölegleri wagtynda tölemäge;
- Şertnamanyň ähli şertlerini we Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny doly berjaý etmäge;
- Şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlanandan soň, öýi kärendä berijä ilki başdaky erbet bolmadyk ýagdaýynda gaýtaryp bermäge.

**11.** Kärendeçiniň şulara hukugy bar:
- Şertnamada bellenilen möhletde öýe girmäge;
- Kärende berijiniň Şertnama esasynda öz üstüne alan borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmegini talap etmäge.

**12.** Şertnamany durmuşa geçirmek bilen bagly ýüze çykýan jedeller özara ylalaşyk esasynda, ylalaşyk gazanylmadyk ýagdaýda bolsa, kazyýet tertibinde çözülýär.

**13.** Şertnama üýtgetmeler we goşmaçalar ýazmaça görnüşinde girizilip, ol iki tarapyň hem ygtyýarly wekilleri tarapyndan gol çekilen halatynda hakykydyr.

**14.** Şertnama bir meňzeş hukuk güýjüne eýe bolan 3 (üç) nusgada düzülip, kärendä berijä hem kärendeçä bir nusgadan berilýär, 3-nji nusgasy etrabyň salgyt gullugyna hasaba almak üçin iberilýär.

**15.** ________________________________________________________________

(goşmaça şertler)

________________________________________________________________

| **Kärendä beriji:** | **Kärendeçi:** |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ( F.A.A ady we salgysy ) | (F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy) |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |

**Ýaşaýyş öýlerini kärendä bermek boýunça şertnamalary häkimliklerde bellige almagyň Tertibiniň goşundysy**

200_ ý. «___» __________bellige alyndy

________________________________

(etrap häkiminiň orunbasarynyň, müdürligiň başlygynyň ýa-da bölüm müdiriniň F.A.A ady)

________________________________

(goly)

## ÝAŞAÝYŞ ÖÝLERINI KÄRENDÄ BERMEK BARADA ŞERTNAMA

Aşgabat şäheri №___                                        2011 ý. «___» ________________

**1.** Kärendä beriji:______________________________________________________________

( F.A.A ady we salgysy)

we Kärendeçi:_____________________________________________________________________

( F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy )

öýi kärendä bermek şertnamasyny (mundan beýläk - Şertnama) baglaşdylar.

**2.** Kärendä beriji özüne degişli Aşgabat şäheriniň_________________________________________ _________________________________________ jaýynyň _______ otagdan ybarat, umumy meýdany _____m$^2$, ýaşaýyş meýdany _________ m$^2$ bolan ___________________________belgili hususylaşdyrylan öýüni raýat___________________________________________________ kärendä berýär.

______________________________________________________________________________

(F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy)

**3.** Kärendä beriji öýi 200__-nji ýylyň ______________ aýynyň _________________ çenli kärendä berýär.

**4.** Şertnamanyň hereket edýän möhletinden öň bes edilmegi şu ýagdaýlarda mümkindir:

- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy bozulanda;
- Şertnamada bellenen möhletde kärende haky esassyz sebäplere görä tölenmedik halatda;
- öý maksadalaýyk ulanylmasa;
- taraplaryň özara razylygy boýunça, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen başga esaslar boýunça.

**5.** Şertnamanyň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagy bilen we Taraplaryň onuň hereket edýän möhletini uzaltmak barada meýili bolmadyk halatda, Şertnama öz güýjüni ýitirýär.

**6.** Kärende tölegi 200_ -nji ýylyň _________________ aýynyň ______-den hasaplanyp başlanýar. Kärendeçi bir ýyl üçin ________ (__________________________) manat kärende puluny tölemeli.

(ýazmaça)

Bellik: Görkezilen _____________ (________________________________) manat pulun mukdary 1 aý üçin bahasy _______ (________________________________) manat hasabyndan gelip çykýar.

(ýazmaça)

**7.** Kärende tölegi deň böleklerde, her aýda, her aýyň 5-inden gijä galynman tölenmelidir.

**8.** Kärendä beriji şulara borçlanýar:

- Şertnamada görkezilen möhletde öýi Kärendeçiniň ygtyýaryna bermäge;
- Şertnama laýyklykda öz üstüne alan borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmäge;

**9.** Kärendä berijiniň şulara hukugy bar:

- hereket edýän kanunçylyga üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende, şolara laýyklykda Şertnamany täzeden bellige aldyrmaga;
- Kärendeçiniň Şertnamanyň şertlerini bozan ýagdaýynda, kanun esasynda degişli çäreleri görmäge;

**10.** Kärendeçi şulara borçlanýar:
- öýi maksadalaýyk peýdalanmaga;
- her aýyň 5-ine çenli kärende tölegini tölemäge;
- öýi arassaçylyk kadalaryna laýyklykda arassa ýagdaýda saklamaga we ony ýaramazlaşdyrýan hereketlere ýol bermezlige;
- ýeňil abatlaýyş işlerini zerurlyga görä geçirmäge, telefon aragatnaşygy, elektrik energiýasy we beýleki kommunal hyzmatlar üçin tölegleri wagtynda tölemäge;
- Şertnamanyň ähli şertlerini we Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny doly berjaý etmäge;
- Şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlanandan soň, öýi kärendä berijä ilki başdaky erbet bolmadyk ýagdaýynda gaýtaryp bermäge.

**11.** Kärendeçiniň şulara hukugy bar:
- Şertnamada bellenilen möhletde öýe girmäge;
- Kärende berijiniň Şertnama esasynda öz üstüne alan borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmegini talap etmäge.

**12.** Şertnamany durmuşa geçirmek bilen bagly ýüze çykýan jedeller özara ylalaşyk esasynda, ylalaşyk gazanylmadyk ýagdaýda bolsa, kazyýet tertibinde çözülýär.

**13.** Şertnama üýtgetmeler we goşmaçalar ýazmaça görnüşinde girizilip, ol iki tarapyň hem ygtyýarly wekilleri tarapyndan gol çekilen halatynda hakykydyr.

**14.** Şertnama bir meňzeş hukuk güýjüne eýe bolan 3 (üç) nusgada düzülip, kärendä berijä hem kärendeçä bir nusgadan berilýär, 3-nji nusgasy etrabyň salgyt gullugyna hasaba almak üçin iberilýär.

**15.** ______________________________________________
(goşmaça şertler)
______________________________________________

| **Kärendä beriji:** | **Kärendeçi:** |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ( F.A.A ady we salgysy ) | (F.A.A ady, guramanyň ady we salgysy) |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |